syoss

PROFESSIONAL PERFORMANCE

oleo intense

IDEG EDIJI ÝAGLY ÇYDAMLY BOÝAG

TRK **GAPLAMANYŇ IÇINDÄKILER:**

ULANYLYŞY BOÝUNÇA GÖRKEZMELER

JÜBÜT ELLIKLER

GÖRKEZIJI SÜÝTLI ÇÜÝŞE-APPLIKATOR

IDEG EDIJI BOÝAÝYJY KREMLI TÝUBIK

ÝAG BILEN BAÝLAŞDYRYLAN KONDISIONERLI SAŞE

TRK ULANYLYŞY BOÝUNÇA GÖRKEZMELER

ÜNS BERIŇ! MÖHÜM:
Ulanmazdan öň görkezmäniň arka tarapyndaky "**OŇÜNI ALYŞ ÇÄRELERI**" bölümini ünsli okamagyňyzy haýyş edýäris. Hat-da eger siz eýýäm şu ýa-da beýleki saç üçin boýaglary ulanan hem bolsaňyz islendik ýagdaýda (arka tarapyna serediň) allergiki täsirlilige synagyny geçiriň. Taýýarlanan garyşygy garyşdyrylandan soň haýal etmezden çalyň.

1. TAÝÝARLAMA:

Boýamaga başlamazdan öň **eşikleri** goramak üçin **penýuary we täsiriniň wagtyna gözegçilik etmek üçin sagat taýýarlaň. SYOSS COLOR** boýagy ýuwulmadyk gury saça çalynmaly. Boýag çalynmagyndan 24–48 sagat öň ýuwmaklyk maslahat berilmeýär.

2. GARYŞYGYŇ TAÝÝARLANYŞY:

Penýuary we ýany bilen gelýän ellikleri geýiň. Çüýşe-applikatoryň gapajygyny towlap aýryň. Gapajygyň içindäki ýörite çiş bilen membranany deşip boýaýyjy kremli týubigi açyň. Týubigiň içindäkileriň ählisini çüýşe-applikatora gysyp çykaryň. Çüýşe-applikatory gaýtadan ýapyň we bölekleriň ählisi pugta garyşýança bir meňzeş krem emele getirýänçä erjellik bilen bilen çaýkaň. Ahyrynda eger ujy iki kysymdan ýbarat bolsa çüýşe-applikatoryň gapajygyny **towlap çykaryň** ÝA-DA eger ujy bütewi bolsa, ujunyň ýokarky kysymyny **döwüň** we haýal etmezden çalmaga başlaň.

3.A SAÇYŇ TUTUŞ UZYNLYGYNA ÇALNYŞY:

Çalnyşynyň bu görnüşi maslahat berilýär, eger:

- Siz saçlaryňyzy çydamly boýag bilen **ilkinji sapar** boýaýan bolsaňyz ýa-da
- ozal boýalan saçlar ösen we boýalan saçlaryň arasyndaky tapawut bilinmeýan dereje ösen bolsa.

Ählі taýýarlanan garyşygy gönüden-göni çüýşe-applikatodan gury ýuwulmadyk saça çogdum çogdum çalyň. Soňra ony barmaklaryň uçlary bilen pugra owkalaň.
Garyşygyň täsir etmegi üçin **30 minut** goýuň. **9-10, 9-11, 9-60, 10-00, 10-50** öwüşgünleri üçin täsir etme wagty **45 minutdan** ýbarat.

3.B ÖSÜEN KÖKLERE ÇALMA:

Taýýarlanan garyşygy gönüden-göni çüýşe-applikatordan ýuwulmadyk gury saça çalyň. Çalnyşynyň bu görnüşi, eger

- Siziň saçlaryňyz ozal çydamly boýag bilen boýalan we ösen we boýalan saçlaryň arasyndaky tapwut bilinýär ýa-da
- Siziň saçlaryňyzyň uçlary gararak ýa-da zeperlenen.

Boýaýyjy garyşygyň ⅔-ni diňe ösen düýplere çalyň. Munuň üçin çüýşe-applikatoryň ujunyň ýardamy bilen saçyň düýbüniň açyň we saçyň açylan ýeri boýunça garyşygy barmaklaryň ujy bilen deň ölçegli paýlaň (ellikleri çykarmaň). Tertibi saçlaryň ösen ählis üçin gaýtalaň.
Boýaýyjy garyşygy täsir etmegi üçin **20 minut** goýuň. Soňra garyndynyň galyndysyny saçyň tutuş uzynlygy boýunça çalyň we täsir etmegi üçin ýene **10 minut** goýuň.
5-77 we 6-55 öwüşgünleri üçin: Saçlaryň köklerine täsir etme wagty **15 minutdan** ýbarat. Galan garyşygy saçyň tutuş uzynlygy boýunça çalyň we täsir etmekligi üçin ýene **15 minut** goýuň.
9-10, 9-11, 9-60, 10-00 we 10-50 öwüşgünleri üçin:
Boýaýyjy garyşygyň saçlaryň köklerine täsir etme wagty **35 minutdan** ýbarat. Galan garyşygyň saçlaryň tutuş uzynlygy boýunça çalyň we täsir etmegi üçin ýene **10 minut** goýuň.

4. BOÝALANDAN SOŇ DURYLAMA WE IDEGI:

Täsir etme wagty tamamlanandan soň saçlardaky garyşygy köp bolmadyk ýyly suw bilen köpürjiklediň. Soňra olary suw durylaňyança pugta ýuwuň. Soňra saçlary şampun bilen pugta ýuwuň.
Deslapky ideg üçin saçlar üçin ýörite işlenilip taýýarlanan ýag bilen baýlaşdyrylan kondisioneri bilen owkalaň, **SYOSS Oleo Intense** yzgar saçlara. **2 minut** garaşyň, soňra saçlary pugta ýuwuň.

5. REŇKIŇ IDELIŞI:

Reňkiň täzelenmegi üçin biz **SYOSS Öwüşgün melheminden** peýdalanmagy maslahat berýäris. Boýamalaryň aralyklarynda çalaran saçlary boýamak üçin **SYOSS Root Retouch** peýdalanyň.

ÜNS BERIŇ! MÖHÜM: Ulanmazdan öň **"OŇÜNI ALYŞ ÇÄRELERI"** bölümin okamagyňyzy haýyş edýäris (aşakda serediň). Islendik ýagdaýda (aşakda serediň) hat-da eger Siz bu ýa-da beýleki saç üçin boýaglary ulanan hem bolsaňyz allergiki täsirlilige synagyny geçiriň. Önümi ulanmazdan ozal saçlaryňyzy ýuwmaň. Taýýarlanan garyşygy garyşdyrylan badyna çalyň. Garyşygy ýapyk çüýşede goýmaň; bu çüýşäniň çişmegine ýa-da ýarylmagyna getirip biler. Ülanylan garyşygyň galyndylaryny deslapdan ulanmagk üçin saklamaň. Boýaýyjy kremi we Görkezji süýdi birmeňzeş agram emele getirýänçä pugta garyşdyryň. boýama işleriniň gidişinde saçlaryňyzy plastikden ýa-da alýuminiýden folga bilen örtmäň we ýylylygyň daşky çeşmelerinden gaça duruň (mysal üçin: fen, papajyk ýa-da sauna). **9-10, 9-11, 9-60, 10-00 we 10-50 öwüşgünleri üçin:** Ozal gyzyl ýa-da has goýy öwüşgünlere boýalan saçlarda ulanmaň.
ÇALMAZDAN ÖZAL PEÝDALY MASLAHATLAR: Önümiň eşige ýa-da şaý-seplere degmeginden gaça duruň, sebäbi tegmilleri aýyrmak kyn. Biz boýamagy her 4 hepde-den gaýtalamagy maslahat berýäris, sebäbi bu döwrüň dowamyndan saçyň uzynlygy takmynan 1 sm ýbarat bolýar. Önümi himiki buýralama ýa-da arassalmasyndan öň we soň 2 hepdäniň dowamynda önümi ulanmaň we boýagyň täsir etme wagtyny 10 minuda azaldyň.
Eger Siziň saçlaryňy:

- Maslahat berleninden has köp çalaran saça eýe bolsa ýa-da **ýalkymly** bolsa, zeperlenen ýa-da himiki buýralanan bolsa: boýama gaplamada we reňkiň laýyk gelme Ulgamynda görkezilenden has depginli bolup biler.
- Maslahat berlenden **doýgunrak:** boýama gaplamada we reňkiň laýyk gelme Ulgamynda görkezilenden has az depginli bolup biler.
- **Zeperlenen** ýa-da **örän öýjükli:** biz önümi saçlaryň uçlaryna (takmynan 1–2 sm) täsir etmäniň diňe ahyrky 5–10 minudyna çalmaklygy maslahat beriýäris.
- **Eginlerden uzynrak:** Biz **SYOSS Oleo Intense** boýagynyň iki gaplamasyny ulanmaklygy maslahat beriýäris.

Derä degen ýagdaýynda **SYOSS Oleo Intense** boýagyny pamyk tamponynyň ýa-da ýüz üçin toniginiň ýardamy bilen aňsat aýryp bolýar.

TRK OŇÜNI ALYŞ ÇÄRELERI

⚠ **Saç üçin boýaglar agyr allergiki täsirlilige getirip biler.**
Görkezmeleri okaň we eýeriň. Önüm 16 ýaşa ýetmedik şahslar tarapyndan ulanmaga niýetlenmedik. Wagtlaýyn tatuirowkalaryň we hnadan tatuirowkalaryň bar bolmaklygy allergiki täsirliligiň ýüze çykmagynyň töwekgelçiligini artdyryp bilýär.
Saçlaryňyzy boýamaň, eger:

- Siziň ýüzüňizde örgün bar bolsa ýa-da kelläniň derisi duýgur bolsa, gyjyndyrylan ýa-da zeperlenen bolsa,
- saçlar boýanandan soň sizde birwagtlar allergiki täsirlenme bolan bolsa,
- Sizde wagtlaýyn tatuirowkalara ýa-da hnadan tatuirowkalalara allergiki täsirlenme synalanan bolsa.

Gaşlaryňyzy ýa-da kirpikleriňizi boýamak üçin ulanmaň. Düzümi: içindäkileriň sanawyny görmek üçin gaplama serediň. Boýanyňyzdan soň saçlaryňyzy pugta ýuwuň. Gözleriňize degmeginden gaça duruň. Eger önüm şeýle-de bolsa göze degen bolsa, gözleriňizi haýal etmezden ýuwuň. Boýagyň galanyňyzdan elliklerden peýdalanyň. Çagalar üçin elýeterli bolmadyk ýerde saklaň. Kartondan gaplamany we şu görkezmeleri, eger sizde allergiki täsirlenme synlanan ýagdaýlar üçin saklaň. Allergiki täsirlenmäniň ýüze çykmagynyň peseltmek maksatda, görkezmelere eýeriň.

1. ALLERGIKI TÄSIRLILIGE SYNAG
   Hat-da eger Siz boýaýyjy serişdelerden ozal ulanan hem bolsaňyz her bir boýamadan 48 sagat öň allergiki täsirlilige synagy geçiriň. Synagy geçirmek üçin tirsegiň iç tarapynda 1 sm * 1 sm ölçegde deriniň kysmyny saýlaň. Tirsegiň iç tarapynynyň derisene paýtalyň çöpjagazyň ýardamy bilen ýuka gatlak bilen boýaýyjy kremiň uly bolmadyk mukdaryny çalyň we 45 minut örtmezden goýuň. Kremiň eşige degmeginden gaça duruň. Týubigi seresaplylyk bilen ýapyň. 45 minutdan soň boýaýyjy kremi ýyly suw bilen pugta ýuwuň.
   Eger synag geçirilýän wagty ýa-da deslapky 48 sagadyň dowamynda haýsydyr bir gyjyndyrma synlansa, deriniň bu kysmyny haýal etmezden ýuwuň we bu önümi ulanmaň. Täsirlenmäniň ýok bolmaklygy deslapky saçyň boýalmagynda allergiki täsirliligiň ýüze çykmajakdygyna kepil bolmaýar. Muňa garamazdan bu synag möhüm öňüni alyş çäresi bolup durýar. Eger sizde haýsydyr bir şübhe ýüze çykan bolsa, lukman bilen maslahatlaşyň.
2. EGER BOÝAÝAN WAGTYŇ SIZDE:
   – awuşatma, gyzarma we/ýa-da örgün synlansa, çalmany derhal bes ediň we ýyly suw bilen ýuwuň, sebäbi bu has agyr täsirlenmäniň alamatlary bolup biler. Saçlaryňyzy medisina maslahatyny alýançaňyz boýamaň.
   – deride örgün çalt ýaýrasa, baş aýlanmasy ýa-da huşyňy ýitirme, dem alyşyň kynlaşmasy synlansa we/ýa-da gözler/ýüz çişse, serişdäni haýal etmezden ýuwuň we dessine medisina kömegine ýüz tutuň, şeýle hem öndürijiň bilen habarlaşyň.
3. EGER BOÝALANDAN SOŇ ÝA-DA DESLAPKY BIRNÄÇE GÜNÜŇ DOWAMYNDA sizde gijilewük, deride örgün, gözlerim/ýüzüňi çişmegi, gabarçaklar we/ýa-da bölünip aýrylýan zatlar ýaly täsirlilikler SYNLANSA, dessine medisina kömegine ýüz tutuň we öndürijiň bilen habarlaşyň.

OŇÜNI ALYŞ ÇÄRELERI
• Bu önüm gözlerim güýçli azmagyna we olaryň bolup biljek ýowrülmez zeperlenmegine getirip bilýän düzümini öz içine alýar. Eger görkezji süýt ýa-da boýaýyjy garyşyk gözüňize degen bolsa, olary dessine uly mukdarda ýyly suw bilen ýuwuň we medina kömegine ýüz tutuň. • Eger Siz kontakt linzalaryny ulanýan bolsaňyz we çalynýan wagty serişde gözüňize degen bolsa, ilki bilen kontakt linzalary aýryň, soňra gözleriňizi uly mukdarda ýyly suw bilen ýuwuň we medisina kömegine ýüz tutuň. • Önümden dem almaň we ýuwutmaň. • Deriňize artykmaç degmeginden gaça duruň. • Eger Siziň saçlaryňyz hna ýa-da düzüminde demir bar bolan boýaýyjylar bilen boýalan bolsa önümi ulanmaň. • Boýamazdan öň saçlaryňyzdan gysgyçlar, şpilkalar we saçgysgyçlar ýaly demirden zatlary aýryň we olary boýama ýerine ýetirilýän wagty ulanmaň. Demirden gurallary ulanmaň. • Görkezji süýdi ýylylykdan we ýsykdan uzakda tutuň. Şu boýaýyjy serişdäni islendik beýleki önümler bilen garyşdyrmaň. Ulanmadyk önümiň galyndylaryny saklamaň. Garyşygy ýapyň çüýşede goýmaň (bu çüýşäniň çişmegine ýa-da partlamagyna getirip biler).

HÜNÄR MASLAHATY

EGER SIZDE SORAG ÝÜZE ÇYKAN BOLSA: gyzgyn liniýa 8 800 500 8008 telefony boýunça jaň ediň (Russiýa boýunça jaňlar tölegsiz) ýa-da www.syoss.ru saýtyna giriň.
Oleo Intense – Oleo Intens

Schwarzkopf & Henkel
a division of
Henkel AG & Co. KGaA
D-40191 Düsseldorf

2860903